# Sionizmiñ özeni

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Sionizmiñ özeni SIONIZMIÑ ÖZENI




*Sionizm jöhit satanizmidir, iudeýligiñ içindäki satanizmdir we iudeýligiñ ähli prinsiplerini çöwresine öwrüp taşlaýar*
Sionizm Ysraýylyñ döwlet ideologiýasydyr. Jöhitler nämüçin özleriniñ saýlama adamlardygyna ynanýarlar? Jöhit diasporasynyñ jöhit tradisiýasy hökmünde ähmiýeti näme? Nämüçin sionizm bir ýandan iudeýligiñ dowamy, bir ýandanam onuñ inkäridir?
Her din ýaly iudeýligiñem birnäçe tarap bar. Ha öwgi bolsun, ha ýazgarma, bu barada gysgaça aýdyp geçmek gerek.
Iudeýlik jöhitleriñ saýlanan adamlardygyna bolan ynanja bagly (ilkinji nobatda dini manyda). Maksatlary Ysraýylyñ hökmürowanlary bolup Mesihe garaşmak. Olaryñ dini hususanam Mesihe garaşmak bilen baglanyşyklydyr.
Iudeýlige görä birinji müñýyllygyñ başynda jöhitler diaspora girdi. Ikinji Ybadathana ýykyldy, bu olaryñ dargamagynyñ iki müñ ýyllyk taryhynyñ başlangyjyna yşarat edýärdi. Bu döwür jöhit ýörelgesiniñ bir parçasydyr. Maksat – Ysraýylyñ geçip giden taryhy döwürlerde üýşen günälerini ýuwmak. Eger bu günä ýuwuşlyk hakyky bolsa we toba çuñdan edilse, şol wagt jöhit

ýörelgesine laýyklykda saýlanan halky alamatlandyrýan Mesih orta çykmaly. Şeýle bolanda jöhitler Ysraýyla goly dolanyp gelmeli, garaşsyz döwlet gurulmaly, Üçünji Ybadathana gurulmaly.
Bu, jöhit garaşma medeniýetiniñ gurluşydyr. Bu çemeleşmäniñ iñ esasly wekilleri Netureý Karta hereketinden gelýän fundamental dinçilerdir. Jöhit Hudaýynyñ sürgüniñ kynçylyklaryna döz gelmegi buýrandygyny, şol sebäpli adamyñ soñuna garaşmak we günälerini ýuwmak gerekdigini aýdýarlar. Mesih gelende islendik jöhit «Wada berlen ýerlere» dolanyp biler.
Sionizm jöhit satanizmidir, iudeýligiñ içindäki satanizmdir we iudeýligiñ ähli prinsiplerini çöwresine öwrüp taşlaýar.
Nädip döwlet guruldy, kanunlar depgilendi? Häzirkizaman Ysraýylyñ jöhit dini nilen nämücin doly çapraz gelýändigine düşünmek üçin XVII asyra, sionizmiñ habarçysy bolan ýalançy Mesih Şabtaý Swiniñ döwrüne ser salmak gerek. Ol özüniñ Mesihdigini we şonuñ üçin jöhitleriñ Ysraýyla dolanyp biljekdigini öñe sürdi. Şabtaý Swiniñ ykbaly gözgynydyr. Palestina babatda aýdýan pikirleri üçin osmanly patyşasynyñ öñüne dikilende oña iki ýol goýuldy: ýa kellesinden jyda düşmeli ýa yslama geçmeli. Soñra täsin ýagdaý bolup geçdi: Şabtaý Swi musulman boldy. Şol döwür bu ýagdaý jöhit jemagatlaryna çaksyz uly lapykeçlik getirdi.
Munuñ bilen birlikde Şabtaý Swiniñ (sabbataýçylyk) şägirtleri peýda boldy, onuñ ündewleri Aşkenazi we Gündogar Ýewropaly jöhitleriñ arasynda giñden ýaýrady. Eshatologik ýa-da mesihçi ýönelmesi bolmadyk, emma kabalistik prinsipleri ýönekeý adamlaryñ arasynda wagyz edýän hasidik hereketi parallellikde ösdi.




Käbir sabbataýçy mezheplerde (aýratynam Polşadaky frankistleriñ arasynda) bir teologiýa ýüze çykdy: Hamana Şabtaý Swi hakyky Mesih eken we ol bilgeşleýin yslam dinine geçipdir, şeýtmek bilen ol «mukaddes dönüklik» edipdir (Mesihiñ gelmesini çaltlandyrmak üçin iudeýlige hyýanat edipdir).

Şu mantykdan ugur alyp olar añsatlyk bilen başga dinlere geçip bilýärler. Mysal üçin, Ýakow Frank jöhitleriñ hristian bäbekleri iýýändiklerini öñe sürüp, ilki yslama, soñ katoliklige geçdi. Talmudizmiñ ähli formalaryndan ýüz öwürdi we ynanjyna ikilik etdi, emma Frankyñ gizlin doktrinasy XVII asyrdan soñ Mesih düşünjesiniñ üýtgändigini öñe sürýärdi. Mundan beýläk jöhitleriñ özleri Mesih boldular, indi mesihe garaşyp oturmagyñ hajaty ýok, hatda diniñe ikilik etseñem, sen mukaddes – sen hudaý!

Şeýdibem, sionizm üçin intellektual şertler döredildi. Sionizm jöhit satanizmidir, iudeýligiñ içindäki satanizmdir we iudeýligiñ ähli prinsiplerini çöwresine öwrüp taşlaýar. Iudeýlikde Mesihiñ gelmegine garaşylýan bolsa, sionizmde jöhit şonsuzam hudaý hasaplanýar. «Talmud» buýruklarynyñ bozulmagy munuñ dowamyny ýetirýär.

Bu ýagdaý sionizm bilen iudeýligiñ arasynda ýörite gatnaşyklara ýol açýar. Sionizm bir ýandan-a iudeýligiñ dowamydyr, bir ýandanam iudeýligiñ çüýredilmegidir. Sionistler tiba ederlik zat galmandygyny aýdýar, olar ýeterlik horluk gördüler we olar hudaýdyr.

Bu diñe Ysraýyla däl, şol bir wagtyñ özünde jöhitlere, jöhit liberallara, jöhit kommunistlere, jöhit kapitalistlere, jöhit hristianlara, jöhit musulmanlara, jöhit induslara we başgalara esaslanýan häzirkizaman sionistik döwletiñ täsinligini görkezýär. Bularyñ hemmesi-de frankizm torunyñ ösüntgileri – islendigi göwnüniñ isleýşi ýaly arkaýynlyk bilen mukaddes hyýanat edip biler, döwlet gurup biler, global agalyk üçin dawa turzup biler we sionizmi tankyt etmegi gadagan edip biler (ABŞ-nyñ käbir ştatlarynda Ysraýyl döwletini tankyt etmegiñ özi antisemitizm bilen deñ hasaplanýar).

Ädiljek soñky ädim «Mesjidi-Aksany» partlatmak we Üçünji ybadathananyñ gurluşygyna başlamakdyr. Şeýle-de, Knesset (Mejlis) tarapyndan öñki Ybadathananyñ ýerleşýän depesini gözlemek üçin bireýýämden bäri pul aýrylyp goýuldy, hemme zat şu maksadyñ amala aşmagy üçin ýaýbañlanýar.

Şular ýaly çuññur metafiziki kökleri bolan çaknyşygy BMG-nyñ «ýaraşalyñ», «adam hukuklaryna eýereliñ» diýen ýaly çagyryşlary bilen nädip basyp ýatyryp bolar öýdýärsiñiz? Palestina çaknyşygynda adam hukuklary diýen zat doly ýatdan çykaryldy. Üstesine olardan barha absurd sözleri eşidýäris: mysal üçin sami palestinalylara arka durýan adamlary antisemitizmde aýyplamak ýaly.

Gipnozyñ, samsyklaç señseligiñ we añyñ posmodernistik parçalanmagynyñ añyrsyna geçsek, Ýakyn Gündogarda bolup geçýänleriñ has täsin we eýmendiriji kartinasyny görüp bileris.

Aleksandr DUGIN.

10.11.2023 ý. Publisistika